# 19 LUKMANÇYLYK GALYNDYLARY

Lukmançylyk galyndylary sebäpli döreýän saglyk kynçylyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . 420
Gürrüň: Sengunyň kesele ýolukmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .421
Ýakylýan galyndylar bilen bagly meseleler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 423
Lukmançylyk galyndylarynyň zyýanynyň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 424
Galyndylary azaltmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 425
Galyndylary bölmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 426
Galyndylary saklamak we daşamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 427
Galyndylar bilen işlenilende ýüze çykyp biljek zyýanyň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . 427
Galyndylary zyýansyzlandyrmak (dezinfesirlemek) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 428
Himikatlar bilen zyýansyzlandyrmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 429
Hlor bilen zyýansyzlandyrmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 430
Yokary temperatura bilen zyýansyzlandyrmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 432
Ýiti gurallary zyýansyzlandyrmak we ýok etmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 434
Ýokançly galyndylardan dynmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 436
Immunizasiýa maksatnamalary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 437
Lukmançylyk galyndylaryny gömmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 438
Himiki galyndylary howpsuz ýok etmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 440
Tejribe sapagy: Lukmançylyk galyndylaryna baha bermek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 443
Jemgyýetiň çözgütleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 447

# LUKMANÇYLYK GALYNDYLARY



Saglygy goraýyş gullugynyň işgärleri adamlaryň sagdyn bolmagy ugrunda elinde baryny edýärler. Emma lukmançylyk galyndylary howpsuz işlenilmese, olar saglygy goraýyş işgärleri we töwerekdäki adamlar üçin keselleri ýaýradýan ojaklara öwrülip bilýärler.

Klinikalaryň, hassahanalaryň, barlaghanalaryň, gan we plazma banklarynyň, diş bejerýän klinikalaryň, çaga dogrulýan öýleriň we weterinar hassahanalaryň galyndylary lukmançylyk galyndylaryna degişlidirler. Şeýle hem olara waksinasiýa maksatnamalaryndan (immuniteti berkitmek üçin geçirilýän sanjymlar), lukmançylyk kömeginden, näsaga öý şertlerinde seredilmekden galýan galyndylar degişlidir.

Lukmançylyk galyndylarynyň köp bölegine kagyz, karton we iýmit galyndylary ýaly adaty galyndylar hem degişlidir. Emma lukmançylyk galyndylarynyň käbiri hapa mikrobly gan ýa-da bedeniň bölünip çykmalary bilen hapalanyp, keselleri ýaýradyp biler. Ulanylan iňňeler we beýleki ýiti gurallar şikeslenmelere sebäp bolup, keselleri ýaýradyp biler. Plastmassa ýaly käbir lukmançylyk galyndylaryň düzüminde zäherli himikatlar bardyr. Zyýanly mikrobly we zäherli himikatly galyndylar adaty galyndylar bilen garylsa, olar bilen iş salyşýanlara howp salyp bilýär. Hut şol sebäpli galyndylaryň bölünmegi örän wajypdyr.

Lukmançylyk galyndylarynyň howpsuz işlenilmegi üçin hem beýleki gaty galyndylary ýok etmekde ulanylýan usullardan peýdalanylýar (18-nji baba ser.). Emma bedeniň biologiki suwuklyklary we mikroblar bilen hapalanan galyndylar adamlaryň saglygyna we daşky gurşawa zyýan etmez ýaly, zyýansyzlandyryp, ýörite usullar arkaly ýok edilmelidir.

# Lukmançylyk galyndylary sebäpli döreýän saglyk kynçylyklary

Lukmançylyk galyndylary howpsuz ýok edilmedik ýagdaýynda saglyk kynçylyklaryny döredip biler:

- ulanylan iňňeler we ýiti gurallardan geçýän B we C gepatiti, bürmek keseli, AIW/AIDS keselleri, deriniň agyr ýokanç keselleri;
- zyýansyzlandyryjy, arassalaýjy serişdelerden, dermanlardan we barlaghana himikatlaryndan dem alnanda ýüze çykýan demgysma we beýleki kynçylyklar, gözüň awuşamagy, deri örgünleri, allergiki täsirler.
- antibiotiklere durnuklylyk. Adam antibiotikleri köp ulansa, olaryň täsir edişi peselýär.
- ýakylanda, dioksin ýaly zäherli himikatlary daşky gurşawa bölüp çykarýan galyndylar zerarly döreýän düwnük (rak) keseli, dem alyş bilen bagly kynçylyklaryň we beýleki keselleriň döremegine sebäp bolup bilýär.

Lukmançylyk galyndylaryndan has köp zyýan çekýän adamlar:



galyndylaryň ýakylýan we zibil dökülýän ýerlere golaý ýaşaýan adamlar



saglyk öýüniň galyndylaryny ýygnaýan, gaýtadan işleýän ýa-da taşlanan zibilleri satýan adamlar



saglyk öýüniň işgärleri we syrkawlary

## Sengunyň kesele ýolukmagy



Sengu Hindistanyň kiçijek obasynda doglupdy. Birnäçe ýyla çeken gurakçylyk we hasylsyzlyk zerarly ol ejesi we kiçi oglan jigisi bilen gowy ýaşaýşyň gözleginde şähere gidýär. Ol ejesi bilen zibil dökülýän ýeriň golaýyndaky baýyrlykda ýaşaýardy. Şol ýerde ýaşaýan çagalar Sengu zibil taşlanýan ýerden satmak üçin zat saýlamagy öwretdiler. Günde irden okuwa gitmezden öň, ol galaýynyň galyndylaryny, aýna çüýşeleri, polietilen paketleri we beýleki zatlary ýygnaýardy. Sengu olary satyp alan puluna mekdepden soň nahar we gyzgyn çaý satyn alýardy.

Şäherde ýaşamak örän kyndy. Sengunyň ejesi öýden uzak ýerde işlemeli bolýardy. Ol uzak gün öýde bolmaýardy. Sengu kiçi jigisine seretmeli bolansoň, okuwyny taşlamaga mejbur bolýar. Gününiň köp bölegini jigisini arkasyna daňyp, Sengu zibil taşlanýan ýerde zibilleri saýlamaly bolýardy.

Käte Sengu zibilleriň arasyndan ganly hasalary, iňňeleri we hassahananyň beýleki galyndylaryny tapýardy. Sengunyň ýuka dabanly köwşi ony zibilleriň arasyndaky ýiti zatlardan goramaýardy. Käte aýna gyýyklary we posly demir onuň dabanyny, topugyny şikeslendirýärdi. Günleriň birinde şprisiň iňňesi köwüşden geçip, Sengunyň aýagyna çümýär. Tiz wagtdan Sengu basyk (angina) we gyzzyrma bilen keselleýär, ysgyndan düşýär.

Birnäçe hepdeden Sengunyň ýagdaýy gowulaşýar. Emma birnäçe aýdan soň, onuň ýagdaýy ýene-de ýaramazlaşýar. Ol hemişe ýadawlyk duýýardy, onuň gyzgyny galýardy, agzyna ýara düşýärdi. Işdäsi kesilip, Sengu gün-günden horlanýardy. Ejesi we maşgalasy Senguny alada etseler-de, lukmana ýüz tutar ýaly pullary ýokdy. Ahyry ejesi doganoglanyndan karz pul alyp, Senguny saglyk öýüne alyp gaýdýar. Lukman olary diňläp, gözden geçirip, barlag üçin gan alýar.

Ertesi gün olar saglyk öýüne dolanyp gelýärler we lukman Sengunyň ejesine gyzynyň AIW bilen keselländigini habar berýär. Ol dermanlara, bejergä, alada mätäçdi, emma maşgalada ony hassahana ýerleşdirmek üçin pul ýokdy. Uly gynanç bilen ejesi Sengu öýde seredýär. Ýöne maşgala onuň ýagdaýynyň gowulaşmajakdygyny bilýärdi. Birnäçe aýdan Sengu aradan çykýar.

# Sengunyň aradan çykmagyna näme sebäp boldy?

Sengu hapa iňňä basyp, AIW/AIDS keseline ýolugandygy zerarly aradan çykýar.

Onuň kesellemeginiň we ýogalmagynyň ekologik (lukmançylyk galyndylarynyň ýaramaz ýok edilmegi) we durmuş (garyplyk) sebäpleri bardy.

## Senguny halas edip bolarmydy?

Garyplyk ençeme ýaşaýyş sebäplere görä döreýär. Şonuň üçin-de, bu meseläni çözmek kyn bolýar. Aşakdaky soraglar käbir meseleleri aýdyňlaşdyrýar:

- Sengu näme üçin mekdepde däldi?
- Sengu näme üçin galyndylary ýygnamaly bolýardy?
- Näme üçin Sengunyň aýagyny gorap biljek aýakgaby ýokdy?
- Näme üçin ol dermanlary we lukmançylyk kömegini alyp bilmedi?



Ýuka dabanly aýakgap, lukmançylyk kömegini almak üçin puluň ýetmezçiligi, açlyk we garyplygyň beýleki kynçylyklary, ine, şular ýokardaky soraglara jogap bolup bilerdi. Şeýle durmuşy kynçylyklary çözmek üçin köp wagty sarp etmeli bolýar.



**Lukmançylyk galyndylary adamlaryň köpüsine, şol sanda saglyk öýüne ýüz tutup bilmejek örän garyp adamlara-da zyýan ýetirip bilýär.**

Ekologik meseleleri bolsa tizara çözüp bolýandyr. Geliň, şu soraglardan başlaly:

- Lukmançylyk galyndylary näme üçin gaýtadan ulanylyp we işlenilip biljek galyndylara garylýar?
- Näme üçin şeýle zyýanly açyk zibil dökülýän ýer döredi? Näme üçin ol ýerde howpsuz ýok edilmedik galyndylar bardy?

Lukmançylyk galyndylarynyň jogapkärçilikli dolandyrylmagy durmuş şertlerini, esasanam galyndylaryň hasabyna ýaşaýan garyp adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyryp biler.

# Ýakylýan galyndylar bilen bagly meseleler

Lukmançylyk galyndylaryny we olaryň düzümindäki mikroblary ýok etmek üçin, hassahanalaryň köpüsi öz galyndylaryny ýörite peçlerde (ýa-da oda durnukly ýapyk enjamda) ýakýarlar. Galyndylaryň ähli görnüşlerini ýygnap, enjama taşlap ýakyp bolýandygy sebäpli, lukmançylyk galyndylaryndan dynmagyň bu usuly iň aňsat çözgüt hasaplanylýar. Emma galyndylar ýakylanda, olar galyndylary ýok etmek meselesinden başga bir mesele döredýär.

Galyndylaryň açyk otda ýa-da galyndy ýakylýan peçde ýakylmagynyň netijesinde zäherli galyndylar tüsse görnüşinde howa, kül görnüşinde topraga we ýerasty suwlara düşýärler. Düzümi simaply, gurşunly we beýleki agyr mettally galyndylar ýakylanda, bu zäherli maddalar daşky gurşawa düşýärler.



**Üç halta galyndy ýakylanda, bir halta kül emele gelýär.**
**Beýleki zäherli himikatlar howa, topraga, suwa düşýärler.**

Gan saklanylýan paketleri, turbajyklary we käbir şprisleri taýýarlamak üçin ulanylýan plastmassalar ýakylanda dioksinler we furanlar ýaly örän zäherli himikatlary bölüp çykarýar. Bu himikatlaryň reňki we ysy ýokdur. Olar aýallaryň we erkekleriň önelgesiz bolmagyna we beýleki agyr saglyk kynçylyklaryna uçradyp bilýärler (16-njy we 20-nji baba ser.).

Käte galyndylary doly ýakmak üçin galyndy ýakylýan enjamlar ýeterlik derejede oňat we uzak ýanmaýarlar. Galyndylar ýakylýan enjamlaryň käbiri immunizasiýa (waksinalar) galyndylary ýaly ýörite galyndylary ýakmaga niýetlenendir. Emma olarda dermanlary, pestisidleri we beýleki zäherli materiallary hem ýakýarlar.

Lukmançylyk galyndylarynyň howpsuz işlenilmegi üçin, ilki olary aýyl-saýyl etmelidir. Gaýtadan işlenip we ulanyp boljak materiallary bölüp aýryp, zyýanly mikrobly galyndylary bolsa zyýansyzlandyrmaly. Galyndylary ýakmagyň deregine haýsydyr başga bir usul ulanylaýanda-da, lukmançylyk kasamynyň “zýýan ýetirme” diýen ýörelgesine eýermek örän möhümdir.

# Lukmançylyk galyndylarynyň zyýanynyň öňüni almak

Zyýan ýetirmezlik üçin, saglygy goraýşyň kiçi bölümlerinde, uly hassahanalarda ýa-da öýde lukmançylyk galyndylaryna we gurallaryna seresaply çemeleşmelidir:

- Dermanlary oýlanyşykly saýlap, galyndylaryň mukdaryny azaldyň.
- Galyndylary emele gelen ýerlerinde aýyl-saýyl ediň.
- Düzümi mikrobly galyndylary zyýansyzlandyryň.
- Himiki galyndylary howpsuz usulda ýok ediň.
- Galyndylary howpsuz saklaň we daşaň.
- Lukmançylyk galyndylaryndan mümkin boldugyça howpsuz usullar arkaly dynyň.
- Lukmançylyk galyndylary bilen iş salyşýanlaryň ählisine howpsuz usullardan peýdalanmagy öwrediň.




Siziň klinikaňyzda, merkeziňizde ýa-da hassahanaňyzda işleýän adamlaryň lukmançylyk galyndylarynyň gaýtadan işlenilmeginde ýa-da ýok edilmeginde dogry usullary ulanýandyklaryna göz ýetiriň. Adamlar käwagt işi ýeňilleşdirip we has howpsuz edip biljek usullary hödürleýärler. Klinikalaryň käbirlerinde howpsuz usullary öwretmek we olara gözegçilik etmek üçin jogapkär adamlar bolýar.

## Galyndylary azaltmak

Has az mukdarda we has zyýansyz materiallary ulanyp, zyýanly lukmançylyk galyndylaryň mukdaryny azaldyp bolýandyr. Öz klinikaňyz üçin materiallary saýlanyňyzda, emele geljek galyndylary, olaryň näderejede zyýanly boljakdygyny we olardan nädip dynjakdygyňyzy göz öňünde tutuň.




Zyýanly galyndylaryň mukdaryny azaltmak üçin:

- Köp gezek ulanyp bolýan zatlaryň elýeter we howpsuz bolan ýagdaýynda diňe bir gezek ulanyp bolýan zatlardan gaça duruň. (Şprisler we iňňeler gaýtadan ulanylmaly däldir, 434-nji sah. ser.)
- Elýeter bolan ýagdaýlarynda simapsyz termometrleri ulanyň. Olaryň bahasy gymmat, emma olar uzak wagt hyzmat edýär, döwläýen ýagdaýynda-da, howpsuz bolýar.
- Gereginden artyk derman satyn almaň. Olary diňe zerur bolanda ulanyň.
- Sanjymlaryň deregine gerdejikleri içiň.
- Mümkin bolsa, plastmassadan bolmadyk önümleri ulanyň.
- Mümkin bolan ýagdaýlarda arassalamak we zyýansyzlandyrmak üçin zäheri az bolan serişdelerden peýdalanyň.
- Damardan sanjym etmek üçin sistemalar, şlanglar, turbajyklar üçin poliwinilhloridsiz materiallary gözläň. Käbir ýerlerde olar arzan, elýeter bolup, syrkawlar we tutuş ilat üçin hemişe has howpsuz bolýarlar.

## Galyndylary bölmek

Lukmançylyk galyndylarynyň olaryň emele gelen ýerinde aýyl-saýyl edilmegi gaýtadan işlenilmegini howpsuz edýär. Şeýle edilen ýagdaýynda saglyk öýüniň işgärleri we galyndylary ýygnaýan, satýan, gaýtadan işleýän adamlara ýetjek howpuň derejesi peselýär. Galyndylaryň aýyl-saýyl edilmegi zyýansyzlandyrylmaly ýa-da gömülmeli galyndylaryň mukdaryny we olara edilýän çykdajyny azaldýar.



**Saglygy goraýyş merkezleriniň iýmit galyndylaryny baglar üçin komposta we dökünlere öwrüp bolar.**

## Galyndylary aýyl-saýyl edip, olary reňkli konteýnerlere taşlamak

Saglygy goraýyş merkezleriniň köpüsi galyndylary olaryň emele gelen ýerlerinde saýlap, olary dürli reňkli konteýnerlere taşlaýarlar. Şeýle usulyň peýdaly bolmagy üçin, saglyk öýündäki ähli adamlara galyndylaryň haýsy reňkli konteýnere taşlamalydygyny düşündirmelidir. Dürli ýurtlarda galyndylaryň her bir görnüşi üçin dürli reňkler ulanylýar. Mysal üçin, käbir ýurtlarda gyzyl reňk “howplulygy” aňladýar. Şonuň üçin-de, ulanylan iňňeleriň we beýleki ýiti gurallaryň taşlanylýan konteýnerlerini gyzyl reňke boýaýarlar ýa-da olaryň daşyna gyzyl zolak bilen bellik edilýär.

Saglyk öýleriniň galyndylarynyň aglaba bölegi hut hojalyk galyndylary ýaly bolýar: kagyz, karton, çüýşeler, kanistralar we aşhana galyndylary. Bu galyndylar bölünende, olary dolandyrmak has ýeňil bolýar.




Konteýnerler:

- galyndylaryň bolýan ýerine golaý ýerleşmeli;
- olaryň reňki we bellikleri mese-mälim görnüp durmaly;
- hapa syzmaz we döwülmez ýaly berk bolmaly;
- akdyrman, syzdyrman ýa-da ýarman daşamak we ýapmak üçin ýeňil bolmaly;
- bir günüň dowamynda ýygnanan galyndylar ýerleşer ýaly uly bolmaly.

Şol bir görnüşli galyndylar üçin meňzeş haltalar we konteýnerler ulansa oňat bolýar. Muny şeýle etmäge mümkinçilik bolmasa, onda olara dürli reňkli zolaklar we boýaglar bilen bellik ediň. Okap bilýän ýa okap bilmeýän işçileriň haýsy konteýnerleriň adaty galyndylar üçin ulanylýandygyny, haýsylaryň bolsa zyýanly galyndylar üçin ulanylýandygyny ýatda saklamaklaryna kömek eder ýaly, hemişe şol bir reňki ulanyň.

## Galyndylary saklamak we daşamak




Lukmançylyk galyndylary tä howpsuz usullarda gaýtadan işlenilýänçä ýa-da ýok edilýänçä, ygtybarly saklanylmalydyr. Şeýle galyndylaryň taşlanyljak ýa-da saklanyljak konteýnerlerini olaryň emele gelýän ýerinde ýerleşdirmeli. Lukmançylyk galyndylaryny hiç haçan wannalarda, girelgäniň agzynda, umuman, köpçüligiň bolýan ýa barýan ýerlerinde zyýansyzlandyrmaly däldir.

Hapa atylýan bedreleriň we haltalaryň ¾ bolegi dolanda, olaryň agzyny berk ýapmaly, sebäbi bulary daşaýan işçileriň olary dökmegi mümkin. Ulanylan iňňeleri we beýleki ýiti gurallary haltalara salmaň. Halta ýyrtylan ýa-da hapa syzdyrýan bolsa, ony başda halta geçiriň. Agzy jebis ýapylan haltalar ýok edilýänçä, olary agzy ýapyk jaýda saklaň. Satmak üçin zir-zibil ýygnaýan adamlara elýeter bolmaz ýaly, otag goralmalydyr. Lukmançylyk galyndylaryny gysga wagtyň dowamynda howpsuz saklap bolar. Tiz wagtdan olar çüýräp, ýaramaz ysy we ýokanç keselleri ýaýradyp bilerler. Galyndylardan her gün dynmak has gowudyr. Galyndylary hiç wagt 3 günden artyk saklamaň. Uzak wagt saklasaňyz, burnuňyz size muny “duýdurar”.

Köp mukdardaky lukmançylyk galyndylaryny aýyrmak üçin arabalary ulanyň, sebäbi olary arassalamak aňsat bolýar. Arabalar her gezek ulanylanylandan soň arassalanylmalydyr. Haltalar we bedreler ýüklenip, düşürilende zaýalanmaz ýaly, gyralary ýiti arabalary ulanmaň.

### Galyndylar bilen işlenilende ýüze çykyp biljek zyýanyň öňüni almak:

- Iňňelerden, beýleki ýiti gurallardan, mikroblardan ýa-da ganyň we beýleki suwuklyklaryň, himikatlaryň syçramagyndan goranmak üçin, gorag egin-eşikleri geýiň.
- Ulanylandan soň, haýal etmän iňňeleri we beýleki ýiti gurallary ýörite ýiti gurallar üçin niýetlenen gaplara salyň. Ýiti zatlary paketlere ýa-da beýleki galyndylar bilen garyşdyryp salmaň.
- Her gezek galyndylar bilen iş salşanyňyzda, syrkawyň daňysyny çalşanyňyzda ýa-da ony kabul edeniňizden soň, hökman eliňizi ýuwuň.
- Iňňelleriň gapajyklary hemişe geýdirilgi bolsun.
- Galyndylaryň deriňize galtaşmagyna ýol bermäň. Gorag egin-eşikleriňize hapa galyndylar siňen bolsa, ony haýal etmän çykaryň, suw we sabyn bilen gowy edip ýuwnuň.
- Ýörite egin-eşikler diňe arassa bolsa goraýar. Her gezek ulananyňyzdan ýa-da hapa daşanyňyzdan soň, ellikleri, öňlükleri, äýnekleri we maskalary ýuwuň ýa-da zyýansyzlandyryň. Bu sizden soň olary geýjek adamy gorar.

Siziň merkeziňizde gorag egin-eşikleri bolmasa, goranmak üçin elýeter materiallardan peýdalanyň. Mysal üçin, gorag öňlükleri, jalbarlary, maskalary we şlýapalary ýasamak üçin, arassa paketleri ulanyň. Bu ýokdan gowudyr.

## Galyndylary zyýansyzlandyrmak

Zyýansyzlandyrmak – ýokanç keselleri döredýän mikroblary ýok etmek. Lukmançylyk galyndylary mümkin boldugyndan öz dörän ýerlerinde zyýansyzlandyrylmalydyr. Zyýansyzlandyrmagyň umumy usullaryna şular degişlidir: hloruň erginini, wodorodyň öteturşusyny ýa-da beýleki himikatlary ulanmak; gaýnatma, buga tutma, ýokary basyşly buga tutma, awtoklaw ýa-da mikrotolkunlar ýaly ýokary dereje gyzgynlygyň kömegi bilen zyýansyzlandyrmak. Galyndylar şeýle usullarda zyýansyzlandyrylandan soň, olary gömmek howpsuz bolar.

**Sterilizasiýa bilen zyýansyzlandyrmanyň tapawudy barmy?**

Saglygy goraýyş edaralarynyň käbiri zyýansyzlandyrmak sözüniň deregine sterilizasiýa sözüni ulanýarlar.

Ýöne sterilizasiýa we zyýansyzlandyrma (dezinfeksiýa) şol bir manyny aňlatmaýarlar, adamlaryň köpüsi olary çalyşýarlar.

**Sterilizasiýa** bir zatdan ähli mikroblaryň aýrylmagyny aňladýar. Muny etmek örän kyn.

**Zyýansyzlandyrma** bolsa bir zatdan mikroblaryň köp mukdarynyň aýrylmagyny we netijede ýokançlyklaryň geçmezligini aňladýar.

Adamlaryň köpüsi saglygy goraýyş enjamlarynyň arassalanmagyna sterilizasiýa diýýärler, poluň we beýleki zatlaryň ýüzlerini zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen arassalanmagyna bolsa **zyýansyzlandyrmak** ýa-da **dezinfeksiýa** diýýärler. Emma zyýansyzlandyrmanyň dürli derejeleri bolýar.

Şu kitapda beýan edilýän arassalaýyş usullary ýokary derejedäki zyýansyzlandyrma degişlidir. Şeýle derejede geçirilen zyýansyzlandyrma mikroblaryň ählisiniň diýen ýaly ýok edýär. Şonuň üçin-de, biz kitapda beýan edilýän usullaryň bary üçin **zyýansyzlandyrma** sözüni ulanýarys.

## Galyndylaryň haýsylary zyýansyzlandyrylmaly

Ýokanç keselli syrkawyň islendik galyndylary (nejasaty, peşewi, beden suwuklyklary, gany, tüýküligi we ş.m.) bilen hapalanan zatlaryň ählisi hökman zyýansyzlandyrylmalydyr. Bu ýokanç keselleriň ýaýramagynyň öňüni alýar.

**Zyýansyzlandyrylmaly galyndylara şular degişli:**





- ulanylan iňňeler we ýiti uçly gurallar;
- gan we bedeniň beýleki suwuklyklary;
- bedeniň suwuklyklary we gan bilen hapalanan hasalar, tamponlar, beýleki galyndylar;
- gan, bedeniň suwuklyklary ýa-da nejasatlar bilen hapalanan zatlar;
- ýokanç keselli (mergi ýaly) adamlaryň nejasatlary;
- ähli syrkawlaryň düşek daşlyklary we ýata hassalar üçin goýulýan peşew gaplary.



**Zyýansyzlandyrylmany talap etmeýän galyndylar:**



- beden agzalary;
- zyýansyzlandyrmakdan we arassalamakdan galýan hapa suwlar;
- zyýansyzlandyrmak, arassalamak we barlaghanalarda synaglar üçin ulanylýan himikatlar;
- iýmit galyndylary;
- gan we bedeniň beýleki suwuklyklary bilen hapalanmadyk dürli materiallar (karton, kagyz, plastik, aýna, galaýy, demir).

# Himikatlar bilen zyýansyzlandyrmak

Adaty zyýansyzlandyrma üçin ulanylýan himikatlaryň ählisi zyýanly bolansoň, olary örän seresaply ulanmalydyr. Zyýansyzlandyrmak üçin adaty ulanylýan himikatlaryň düzümine 6%-li wodorodyň öteturşusy, hlor hekiniň ergini, 70%-li etanol we 70%-li ýa-da 90%-li alkogolyň izopropil ergini girýär.

Adaty zyýansyzlandyryjy we arassalaýjy serişdeleriň düzüminde glýutaraldegid we formaldegid girýär. Glýutaraldegidiň we formaldegidiň yzygider täsiri düwnük keseline we ölüme eltýär. Bu himikatlar ulanylmaly däl!



**Himiki buglar örän zyýanly bolýar**

Saglyk öýleriniň köpüsi himikatlary ulananlarynda, şu howpsuzlyk düzgünlerine eýerýärler:

- Himiki zyýansyzlandyryjy serişdeleri jaýyň daşynda ýa-da oňat şemalladylýan otaglarda ulanmak.
- Himiki zyýansyzlandyryjy serişdeleriň iş üçin gerekli mukdaryndan artygyny ulanmazlyk.
- Himikatlar ulanylanda ýa-da ýok edelinde, derini, gözleri, dem alyş ýollary we beden agzalary goramak üçin ellikleri, gorag äýnekleri, maskany we gorag egin-eşikleri geýmek (ser. Goşundy A).
- Zyýansyzlandyryjy himikatlary ýörite ýazgyly konteýnerlerde saklamak. Ol konteýnerleri başga maksatlar üçin ulanmazlyk.
- Himikatlary soň iýmit we içgi üçin ulanyljak bedrelerde, konteýnerlerde ýa-da çüýşelerde garmazlyk we saklamazlyk.
- Himikatly konteýnerleriň agzyny jebis ýapyp, olary dikligine saklamak. Olaryň ýarylmadygyna, jaýryk däldigine göz ýetirmek.

# Himiki zyýansyzlandyrmany talap etmeýän galyndylar

Köplenç bedeniň böleklerini zyýansyzlandyrmay diýip hasap edýärler. Emma beden bölekleri, şol sanda çaga ýoldaşyny hajathanalarda ýa-da çuň çukurlarda gömse bolýar. Käbir halklarda çaga ýoldaşynyň gömülmegi (jaýlanylmagy) wajyp dessur hasaplanylýar. Bu iş dogry amala aşyrylanda, daş-töwerekdäki adamlary köpelip biläýjek zyýanly mikroblardan gorap biler.

# Has howpsuz himikatlar bilen zyýansyzlandyrma

Saglyk öýleriň käbirinde zyýansyzlandyrmak we arassalamak üçin düzüminde glýutaraldegid ýaly zyýanly himikatlary bolan arassalaýjy serişdeleri ulanylýar. Ýöne saglyk öýlerindäki zatlaryň arassa we mikrobsyz bolmagy üçin, has howpsuz, arzan arassalaýjy serişdeleri hem ulanyp bolar. Pollary, diwarlary we mebelleri arassalamak üçin, gyzgyn suw we adaty sabyn ýeterliklidir.




**Önümi saýlanyňyzda, özüňizden şulary soraň: Ol hakykatdan hem zyýanlymy? Soňra ondan howpsuz dynyp bolarmy?**

Ýokanç keselli syrkawlaryň bolýan ýa-da bejergi alýan ýerlerinde keseliň ýaýramagynyň öňüni almak üçin, has güýçli zyýansyzlandyryjy serişdeler ulanylmalydyr. Düzümi pyrtykal ýagly ýa-da beýleki tebigy ýagly wodorod ötetürşusynyň ergini pollary we beýleki zatlaryň ýüzlerini zyýansyzlandyrmak üçin netijelidir. Olar saglyga zyýan ýetirmeýärler we ýok edilmezden öň zyýansyzlandyrylmaly däldir. Zyýansyzlandyrmak üçin howpsuz erginleri sirkeden (uksusdan) we wodorodyň ötetürşusyndan taýýarlap bolar.

**Zyýansyzlandyrmak üçin howpsuz erginleri taýýarlamak**




Ak aşhana sirkesini we wodorodyň ötetürşusyny deň mukdarda garyň (ötetürşynyň adatça 3%-li ergini ulanylýar, emma 6%-lisini ulanmak has netijeli bolýar). Size diňe bir günüň dowamynda gerek boljak mukdaryny garyň. Ergini ýapyk konteýnerde saklaň.

Zyýansyzlandyrmak üçin, garyndynyň biraz mukdaryny mata bölegine siňdirip, şonuň bilen zatlaryň ýüzlerini süpürişdiriň.

Bu garyndyny stoluň üstüni, krowatlaryň aýaklaryny we beýleki zatlaryň ýüzlerini arassalamak üçin ulanmaly.

# Hlor bilen zyýansyzlandyrmak

Saglyk öýleriniň köpüsi diwarlary, pollary we stollary zyýansyzlandyrmak üçin hlor ulanýarlar. Hlory ulanaňyzda seresap bolmaly, sebäbi ol syçrap, siziň deriňize we gözüňize zyýan ýetirmegi ahmal. Onuň bugundan dem almak zyýanlydyr. Agardyja ak sirkäniň garylmagy ony has täsirli zyýansyzlandyryjy serişdä öwürýär.

**Zyýansyzlandyrmak üçin ulanylýan hlor hekiniň dürli erginleriniň taýýarlanylyşy:**

1%-li hlor hekiniň ergini – 100g hlor hekine + 900 ml suw goşmaly;

3%-li hlor hekiniň ergini – 300g hlor hekine + 700 ml suw goşmaly;

5%-li hlor hekiniň ergini – 500g hlor hekine + 500 ml suw goşmaly;

5%-li hlor erginiň gallonyna (4,5litr) 1 käse ak aşhana sirkesini garsaňyz, ol has oňat zyýansyzlandyrar. Erginiň bu garyndysyny bir günüň dowamynda ulanyp bolar. Ertesi gün ony täzeden ulanmaň. Garyndy güýjüni ýiterensoň, ol mikroblary ýok edip bilmeýär.




# Hlor hekli bedreleri ulanmak

Hlor hekli bedreleri ulanylan hasalar, pagta tamponlary, ellikler we gandan boşan gaplar ýaly ýokanç galyndylaryň bolan ýerleriň ählisinde goýuň. Ýokançly galyndylaryň köp bolan ýerinde hlor hekli bedräni günde taýýarlaň. Galyndylary ýok etmek üçin size 1 hlor hekli bedre gerek bolar. Gaýtadan ulanyljak enjamlary we gurallary zyýansyzlandyrmak üçin bolsa onuň dürli mukdary gerek bolýar. Ýyrtylan ellikler, şprisler, damardan goýbermek üçin ulanylýan çüýşeler, turbajyklar we gaýtadan ulanylmaga niýetlenilmedik beýleki zatlar zyňylmazdan öň hlor hekli bedrä batyrylyp çykarylýar.

Bedräniň içindäki hlor hekiniň mukdary materiallary doly çümdürer ýaly derejede bolmaly. Materiallary hlor hekiniň içinde azyndan 10 minut saklamaly. Dökülmezligi we zyýansyzlandyryş güýjüniň ýitmezligi üçin, hlor hekli bedräniň agzyny gapak bilen jebis ýapmalydyr. Sebäbi açyk gapdaky hlor bugaryp aýrylýar.

**Hlor hekli bedräni taýýarlamak**

Galyndylary howpsuz zyýansyzlandyrmakda hlor hekli bedre usuly giňden ulanylýar. Hlor hekli bedre 2 bölümden ybarat: hlor hekiniň ergini guýulýan konteýner ýa-da bedre we bedräniň içine salynýan kiçi gap ýa-da elek şekilli ownuk gözenekli sebet. Bu kiçi gaplara galyndylar ýerleşdirilýär. Hlor hekli bedräniň jebis ýapylýan laýyk gapagy bolmalydyr.

1 bedre hlor hekini taýýarlamak üçin hlor hekiniň 5%-li erginini taýýarlaň (ýokarda ser.). Esasy bedräniň iň bolmanda ýarysy hlor hekinden doly bolmaly.

Kiçiräk gabyň, elegiň ýa-da sebediň gözeneklerinden hlor hekiniň ergini geçer ýaly edip, esasy bedräniň içinde salyň. Içi galyndyly gabyň ýokaryk galmaýandygyna we hlor hekiniň gözeneklerden geçip, galyndylaryň üstüni doly ýapýandygyna göz ýetiriň.



**Üns beriň:** Hlor hekini hiç wagt beýleki himikatlar bilen, ylaýta-da ammiak bilen garmaly däldir. Hlor heki ammiak bilen garyşanda, dem alnanda ölüme eltip biljek zäherli gazy emele getirýär we ýokary gyzgynlykda partlama döredip bilýär. Hlor heki bilen arassalaýyş çäreleri geçirlenden soň, oňat ýuwunmak zerurdyr.

## Kir ýuwulýan ýer

Ozal hassahanalaryň köpüsi düşek daşlyklaryny arassalamak üçin, karbol turşulygyny ulanýardylar. Ýöne bu diňe ten ýanyklary babatda bejergi alýan hassalaryň düşek daşlyklary üçin zerurdyr. Beýleki düşek daşlyklaryny we egin-eşikleri zyýansyzlandyrmak üçin, olary sabyn we gyzgyn suw bilen ýuwmazdan öň 10 minut hlor hekli bedrä basyp goýuň. Hlor hekinden zatlary çykaranyňyzda, eliňize ellik geýiň.

# Ýokary temperatura bilen zyýansyzlandyrmak

Saglyk öýleriniň köpüsi şprisleri we beýleki lukmançylyk gurallaryny, käbir galyndylary zyýansyzlandyrmak üçin awtoklawlary, mikrotolkunly peçleri ulanýarlar. Sizde awtoklawlar we mikrotolkunly peçler ýok bolsa, onda materiallaryň azyndan 20 minut gaýnadylmagy, buga tutulmagy ýa-da ýokary basyşly bug bilen işlenilmegi olary zyýansyzlandyrýar. Ýok edilmäge niýetlenilen galyndylar gaýtadan ulanyljak gurallar bilen zyýansyzlandyrylmaly däl, sebäbi köp gezek ulanylýan gurallary zyýansyzlandyrmadan soň alanyňyzda, olaryň ýene-de hapalanmagy ahmal.

Plastigi we kateterleri, damara sanjym etmek üçin sistemalary, turbajyklary, inli hasalary we şoňa meňzeş zatlary ownutmak üçin ellik we maska geýiň.

**Hlor hekli bedräni taýýarlamak**




Lukmançylyk serişdeleri we enjamlary gaýnatmak, buga tutmak we ýokary basyşda buga tutmak üçin suwuň gaýnan pursatyndan başlap, 20 minut tutuň. Bedrä hiç zat garmaň we 20 minutdan soň ody öçürip, sowatmaga goýuň. Gaýtadan ulanyljak materiallar gaýnadylandan we buga tutulandan soň, arassa ellik ýa-da jübtek bilen çykarylmaly-da, derrew zyýansyzlandyryjy konteýnere salnyp, jebis ýapylmaly. Gaýnag suwy seresaplyk bilen lagyma dökmeli.

## Gaýnatmak



Metall, rezin ýa-da plastmass enjamlary, matalary zyýansyzlandyrmak üçin olary gaýnatmak bolar. Gurallary ýuwup bolanyňyzdan soň, bir gaba salyp, üstünden suw guýuň. Gurallary 20 min gaýnadyň.



## Buglap arassalamak

Ellikleri, maskalary, plastmassadan we metaldan ýasalan zatlary zyýansyzlandyrmak üçin, olary buga tutup buglap bilersiňiz. Gaba guýan suwuňyz zatlaryň üstüni ýapmaly däl. Gabyň içine guýlan suw 20 minutlap buguň bolmagyny üpjün edýän mukdarda bolmalydyr. Gabyň agzyna jebis gapak ýapylmaly.



## Ýokary basyşly bug bilen arassalamak

Ýokary basyşly bugy metaly, kauçugy, plastmassalary we matalary zyýansyzlandyrmak üçin ulanýarlar. Zyýansyzlandyryljak materiallary ýuwup we çaýkap, suwa salyp, plitada goýmaly. Gapagyny ýapyp, pejiň üstünde gyzdyrmaly. Suw gaýnap başlanyndan soň, zatlary 20 minut 409,5 gram basyşda gaýnatmaly

## Awtoklaw



Awtoklaw – zatlary ýokary temperaturanyň we basyşyň kömegi bilen zyýansyzlandyrýan kiçijek enjam. Uzak ýyllaryň dowamynda lukmançylyk gurallaryny zyýansyzlandyrmak üçin awtoklawlar ulanylýardy. Olar galyndylary arassalamak üçin ýygy-ýygydan ulanylýar.

2 aýratyn enjamyň ulanylmagy howpsuzdyr: biri – birnäçe gezek ulanyljak gurallar üçin, beýlekisi – galyndylar üçin. Zyýansyzlandyrylmaly galyndylary az bolan saglyk öýleri üçin ýokary basyşly buglaýjy arzan düşýär. Ol hem awtoklaw ýaly işleýär. Elektrik togunyň ýok ýerlerinde gaz, kerosin ýa-da günüň gyzgyny bilen işleýän awtoklawlary ulanmak bolar.

## Mikrotolkunly peçler



Mikrotolkunly peçler öz içine salnan zatlaryň suwuny gyzdyrýar. Ýokary temperaturada birnäçe minut saklanylan zatlar zyýansyzlandyrýarlar. Mikrotolkunly peçleriň ýokary kuwwatly bolany sebäpli, doly zyýansyzlandyrmany geçirmek üçin, şu usulary ularyň:

1. Galyndylary metaldan däl gaplara salyp, olaryň üstüni ýapar ýaly derejede suw guýuň.
2. Suw gyzyp azalmaz ýaly, gabyň agzyny jebis ýapyň.
3. Galyndylar azyndan 20 minut işlenilsin.
4. Agzyny açmazdan öň, gaby sowadyň. Syçraýan islendik suwuk galyndylary aşgarlaýjy çukurlara ýa-da lagymlara usullyk bilen döküň.

**Üns beriň!** Metal zatlary mikrotolkunly peçe salmaň. Olaryň peji zaýalamagy mümkin.

# Zyýansyzlandyrmakdan soň

Zyýansyzlandyrmagyň haýsy usulyny ulanandygyňyza garamazdan (himiki ýa-da ýokary temperatura), zyýansyzlandyrylan galyndylary haltalarda howpsuz saklamak ýa-da şobada ýok etmek zerurdyr. Syrkawlaryň galyndylaryny aýra saklap, olaryň zyýansyzlandyrylan galyndylar bilen garyşmaýandygyna göz ýetiriň.

# Ýiti gurallary zyýansyzlandyrmak we ýok etmek

Saglyk kynçylyklarynyň käbiri ýiti gurallar ýaly lukmançylyk galyndylar zerarly ýüze çykýar. Iňňeler, almazlar, neşderler we beýleki ýiti gurallar ýaralap, ýokançlygy ýokuşdyryp biler. Şonuň üçin-de, olar örän seresaply arassalanmalydyr. Saglyk öýlerinden daşary ýiti gurallar olary ýygnaýanlara we gaýtadan işleýänlere howp salýar.

Ýiti gurallaryň galyndylaryny azaltmak üçin, sanjymlary diňe zerur bolanda ulanyň.

## Iňňeleri we şprisleri howpsuz usulda ýok etmek



Sanjym edilen badyna, iňňäni şprisden aýryp, ýiti zatlar üçin niýetlenen gaba salmaly.

Iňňeleriň gapajyklaryny geýdirmek howpludyr. Şonuň üçin-de muny etmekden gaça durmaly. Siz birnäçe gezek ulanylýan şprislerden peýdalanmaýan bolsaňyz, iňňeleri ulanylan ýerinde ýok ediň. Iňňäni şprisden aýyrmagyň birnäçe usullary bar. Bu islendik usul bolup biler:

- Iňňe dykylyp galmaz ýaly, ony diňe bir eliňiz bilen aýryň.
- Iňňe deşmez ýaly, olary gaty gaplara salyň.
- Lukmançylyk işgärleri üçin oňaýly we aňsat usuly ulanyň.

**Ýiti gurallardan dynmak üçin, ganawlyja gutynyň ýasalyşy**




Ganawlyja guty – ýöriteleşdirilen demir guty. Onuň ýokarsynda ganaw şekilindäki zolajygyň inli ujy barha insizlenýän şekilde bolmalydyr. Şeýle gutyny satyn alyp ýa-da kofeden we ş.m. zatlardan boşan galaýy gutudan edip bolýar. Şeýle gutular iňňä galtaşmazdan, ony şprisden aýyrmaga mümkinçilik berýär.

1. Şprisi ulanan bolsaňyz, iňňäni gutudaky ganawjyga salyp, onuň iň insiz ýerine süýşüriň.
2. Soňra şprisi ýokaryk çekiň, iňňe gutynyň içine gaçar. Şprisi gerekmejek gaba salyň.
3. Ýiti gurallar üçin niýetlenen konteýneriň ¾ bölegi dolsa, onuň daşyna lenta orap, gutyny ýiti gurallar üçin çukura gömüň. (Ýiti galyndylary howpsuz ýok etmegiň usullary barada 439-njy sah. ser.)

## Şprisleriň görnüşleri



**Köp gezek ulanylýan şprisler** gaýta-gaýta ulanylyp bilner. Gaýtadan ulanylýan şprisler galyndylary azaldyp, puly tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Ýöne olar her gezek ulanylandan soň, yhlas bilen arassalanmaly we zyýansyzlandyrylmalydyr. Şprisi ýuwman we zyýansyzlandyrman hiç wagt gaýtadan ulanmaň, sebäbi bu AIW-iň, sary getirmäniň we beýleki keselleriň aňsatlyk bilen ýokuşmagyna mümkinçilik döredýär.



**Bir gezeklik şprisler** ulanylandan soň, iňňesi bilen zyňylmaly. Şeýle şprisleriň käbirini söküşdirip, gaýnadyp ýa-da berk buglap, täzeden birnäçe gezek ulanyp bolar. Emma şeýle edilmek maslahat berilmeýär, sebäbi doly zyýansyzlandyrylmadyk şpris ýa-da iňňe keseli ýaýradyp biler.



**Bir gezek ulanylýan awtomatlaşdyrylan şprisler** ulanylandan soň gaýtadan ulanylmaz ýaly ýapylýar. Emma olaryň içinde iňňe galýar we saglyk öýünde ýa-da onuň daşynda birine zeper ýetirmegi ahmal.



**Üns beriň:** Şprisi we iňňäni gaýtadan ulanmazdan öň, ony **hökman** ýuwup, zyýansyzlandyrmalydyr!

**Gaýtadan ulanmak üçin iňňäni we şprisi ýuwmak we zyýansyzlandyrmak**

Iňňeler arassalanylman we zyýansyzlandyrylman birnäçe gezek ulanylsa, AIW we beýleki kesellere uçratmagy ahmal. Şonuň üçin-de, gaýtadan ulanmakdan gaça durmaly.

Ýöne käbir ýurtlarda iňňeleri bir gezek ulanyp ýok etmek üçin ýeterlikli şpris we iňňe ýok. Şol sebäpli biz gaýtadan ulanmak üçin iňňeleri we şprisleri ýuwlup arassalanyşy barada maglumat berýäris.

1. Eliňizi mikroblardan goramak üçin, galyň ellik geýiň.
2. Şprisiň iňňesi bilen ony hlor hekiniň 5%-li ergininden dolduryň.
3. Hlor hekiniň erginini döküň.
4. Muny birnäçe gezek gaýtalaň. Ähli zatlary birnäçe gezek arassa suwa çaýkaň.
5. Şprisi söküşdirip gaýnadyň ýa-da şprisi we iňňäni berk buglaň.



# Ýokançly galyndylardan dynmak

Şu sahypadaky diagramma uly bolmadyk saglyk öýlerinde ýokançly galyndylary haçan we nähili usulda zyýansyzlandyrmalydygyny we dynylmalydygyny görkezýär.

Belki, käbir saglyk öýleriniň bu usullary berjaý etmäge ýagdaýy ýok bolmagy hem ähtimal. Belki, olaryň galyndylary gaýtadan işlemegiň has oňat usullary bardyr. Ýöne iň esasy zat ýokançlyklaryň öňüni almakdyr. Munuň üçin bolsa, saglyk öýündäki ähli adamlaryň düşünýän we ulanýan düzgünlerini işläp düzmelidir.

**Üns beriň!** Lukmançylyk galyndylarynyň gaýtadan ulanylmagynyň ähli düzgünlerini berjaý ediň.

| | ÝITI GURALLAR | GANLY WE BIOLOGIKI SUWUKLYKLAR BILEN HAPALANAN ZATLAR | GAN, BIOLOGIKI SUWUKLYKLAR, BÖLÜNIP ÇYKMALAR | KESILIP AÝRYLAN BEDEN BÖLEKLERI |
|---|---|---|---|---|
| **Bölmegiň görnüşi** | Iňňeler, almazlar, neşderler, aýna gyýyklary, beýleki ýiti zatlar. | Gandan boşan paketler, dializ üçin ýygyndylar, şprisler, ellikler, maskalar, hasalar, pagta tamponlary, çotgalar we beýleki galyndylar. | Suwuk gan, sorujy kanistralardaky suwuklyk, bölünip çykmalar we bedeniň beýleki hapa galyndylary. | Kesilen el ýa aýak, dokumalar, deri bölekleri. |
| **Dürli reňkli konteýnerlere bölmek** | <br><br>ýiti zatlar üçin niýetlenen konteýnere salmaly | ýa-da<br><br>reňkli konteýnere ýa-da halta salmaly<br><br><br>seresaply kesip we ownadyp hlor hekli bedrä salmaly | <br>reňkli konteýnere ýa-da halta salyň | <br>agzy jebis ýapylan konteýnerlere ýa-da halta salyň |
| **Konteýnerleri ýapmak** | konteýneriň 2/3 bölegi dolanda, onuň agzyny daňyň | ýa-da<br>2/3 bölegi dolanda konteýneriň agzyny jebis ýapyň<br>hlorl hekli bedräniň agzyny ýapyk saklamaly | paketiň ýa-da konteýneriň agzyny jebis ýapyň | 2/3 bölegi dolanda konteýneriň agzyny jebis ýapyň |
| **Zyýansyzlandyrmak ýa-da howpsuz gömmek** | ýa-da<br>ýiti gurallar üçin çelege atyň<br>konteýneri deprek şekilli gaba salyň | ýa-da<br>gyzgyn usul bilen zyýansyzlandyryň<br>hlor hekli bedrä salyp 10 minut saklamaly, soňra guratmaly | gorag geýimleri geýmek, konteýnere seresaplyk bilen hlor hekini garyp,10minut saklamaly | gömmek üçin howpsuz çukura salyň, heki garyp, toprak bilen gömüň |
| **Bütinleý ýok edilmek** | ýa-da<br>çukur dolup barýarka ony betonlaň<br>gabyň 2/3 bölegi dolanda onuň üstüne hlor sepip, zibil gömülýän çukura gömüp, üstüni betonlaň | ýa-da<br>gömmek üçin howpsuz çukura salyň, ony toprak bilen gömüň. Çukur dolup barýarka toprak we hlorly beton bilen basyryň<br>aýnany, metaly ýa-da plastigi guradyň we gaýtadan ulanyň. Ýa-da beýleki hapa galyndylar bilen birlikde ýok ediň | suwuk galyndylary howpsuz çukurlara guýuň ýa-da sanitar lagymlara, septik rezerwuarlara akdyryň | çukur dolanda, ony toprak bilen gömüp, üstüni betonlaň |

# Immunizasiýa maksatnamalary




Dünýädäki adamlaryň köpüsi immunizasiýa geçirmek boýunça maksatnamalara (olara sanjym ýa-da waksina geçirmek maksatnamalary hem diýilýär) laýyklykda ýörite sanjymlary etdirip, gyzamyk, bürmek we poliomiýelit ýaly kesellerden goragly bolýar. Immunizasiýa maksatnamalary Bütindünýä saglygy goraýyş Guramasy (BSGG), BMG-niň Çagalar Fondy (ÝUNISEF) we hökümetiň milli hem-de ýerli agzalary, waksinalary taýýarlaýan, satýan birleşmeler bilen bilelikde dolandyrýarlar.

Bu maksatnamalar galyndylardan dynmaklygyň meýilnamalaryny göz öňünde tutmaýarlar. Olar immunizasiýa maksatnamalaryny geçirenlerinde, galyndylary ýok etmekligi waksina edilen saglyk öýüniň ýa-da ýönekeý adamlaryň üstüne atýarlar. Bu bolsa öz gezeginde galyndylaryň daşky gurşawa we adam saglygyna zyýan ýetirýän açyk otda ýakylmagyna eltýär.

## Immunizasiýa maksatnamalary galyndylar babatdaky jogapkärçiligi öz üstlerine alyp bilerler

Immunizasiýa maksatnamasy netijeli meýilnamalaşdyrylyp, goldanylanda, ol öz döreden galyndylaryndan howpsuz dynyp biler:




- Waksinalar sebitlere ulagda getirilýär. Waksina sanjymlary edilenden soň, lukmançylyk galyndylaryny merkezi hassahanalardaky awtoklawda arassalamak üçin, ýene-de şol ulaglara ýükläp bolýar.
- Immunizasiýa maksatnamasy işini tamamlanyndan soň, şol çäklerde uzak wagt galyp biljek galyndylary daşamak üçin saglyk ulgamyny döretmäge kömek etmeli.
- Iňňeleri we şprisleri waksinasiýa sanjymlary edilýän ýörite sapançalarda ulanmak. Bular galyndyny az emele getirýändir.

# Lukmançylyk galyndylaryny gömmek

Ýiti gurallardan, beden böleklerinden, ulanyş möhleti geçen dermanlardan dynmak üçin çukurlary ulanmak peýdalydyr. Komposta ýaramly galyndylary (iýmit galyndylaryny), gaýtadan ulanyp boljak materiallary (käbir aýna we plastmas önümleri) ýa-da zyýansyzlandyrylandan soň gömülmäge niýetlenen (plastmas önümleri, mata, hasalar) galyndylary çukura taşlamaň.

Golaýda zibil üýşürilýän ýa-da gömülýän ýer bar bolsa, zyýansyzlandyrylan galyndylary şol ýerde ýygnap, howpsuz gömüp bolar. Şeýle ýeriň bolmadyk ýagdaýynda, saglyk öýünde galyndylar üçin uly bolmadyk çukur gazmagy göz öňünde tutuň. Galyndylaryň howpsuz gömülmegine gözegçilik ediň. Ýiti zatlar iň howply galyndy bolandyklary sebäpli, iňňeleri we ýiti gurallary saglyk öýündäki howpsuz çukurlarda gömmelidir. Galyndylar bilen iş salyşýan adamlaryň ählisi galyndylary howpsuz gömmek we ýok etmek barada degişli maglumatlary bilmelidir. Bu galyndylaryň howpsuz ýok edilmegi üçin zerurdyr.

## Galyndylar üçin howpsuz çukurlar

Galyndylary gömmäge niýetlenen çukurlaryň howpsuz bolmagy üçin, olar golaýdaky guýulardan aşakda, ýerasty suwlaryň akyp çykýan çeşmelerinden, suw gözbaşlaryndan azyndan 50 metr uzaklykda gazylmalydyr. Suwuklygyň topraga we ýerasty suwlara siňmeginiň öňüni almak maksady bilen, çukuryň düýbi we gapdallary palçyk bilen suwalmaly.

Çukura bellik edilmeli. Ony adamlardan we haýwanlardan goramak üçin, daş-töweregine haýat aýlamaly.




**Galyndylar üçin çukur gazanyňyzda, "50 metr" kadasyna eýeriň.**

**Beton örtükli çukury ýasamak**

Şeýle çukury gündeki galyndylar üçin däl-de, diňe ýokançly galyndylar üçin ulanmak bolar.

1. Giňligi 1-2 m we çuňlugy 2-den 5 metre çenli bolan çukur gazyň. Çukuryň düýbi ýerasty suwuň iň ýokarky derejesinden azyndan 1 ½ metr ýokarda bolmalydyr.
2. Çukuryň düýbüni 30 sm galyňlykda palçyk bilen suwap tekizläň.
3. Içine suw akmaz ýaly, çukuryň gyralaryna çykyt aýlaň.
4. Çagalaryň we haýwanlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, çukur gazan ýeriňiziň daş-töweregine haýat aýlaň.



Galyndylary her gezek çukura taşlap, onuň üstüni 10 santimetr gum ýa-da gum we hek garyndysy bilen gömüň. Hek galyndylary zyýansyzlandyryp, haýwanlary ürküzýär.

Galyndylar çukuryň 0,5 metr üstüne çykanda, olary ýarym metr galyňlykda gum bilen gömüň-de, azyndan 10-30 santimetr galyňlykda beton bilen örtüň.

**Ýiti gurallary betonly konteýnerlerde "gulplamak"**




Ýiti gurallary we ýiti gurallar üçin konteýnerleri zyýansyzlandyrmak üçin demir gap ulanylýar. Konteýner dolup barýarka (¾ bölegi), 1 bölek sementden, 1 bölek hekden, 4 bölek çägeden we ⅓-den ½ çenli suwdan ybarat garyndyny oňa goşuň. Hek zyýansyzlandyryjy serişde hökmünde hyzmat edýär. Sement bolsa galyndylaryň arasyndaky boşluklary doldurmaga kömek edýär. Konteýneriň agzyny berk ýapyp, ony garymda ýa-da zibil dökülýän ýerde gömüň.

# Suwuk galyndylary ýok etmek

Saglyk öýleriniň köpüsi hlorly heki, hapa suwy we beýleki suwuklyklary lagyma dökýärler. Lagym olary suw çeşmesine alyp gaýtmaýan bolsa, howpsuzdyr. Dökmezden öň suwuklyga köpräk suw garyň. Suw çeşmelerini goramak üçin, ulanylan hlor hekini we beýleki suwuklyklary hapa suw üçin howpsuz çukurlara döküň. Dökmezden öň arassalamak üçin glýutaraldegid we formaldegid ýaly himikatlar ulanylýar.

## Aşgarlaýjy çukuryň gurluşygy



Suw ýollaryndan we guýulardan daş ýerlerde, silleriň bolmaýan ýerlerinde çuňlugy ýarym metrden 1 metre çenli bolan çukur gazyň. Onuň düýbüne birnäçe santimetr galyňlykda gum düşäň. Soňra birnäçe santimetr galyňlykda çagyl döküň-de, üstüne uly daşlardan bir gat goýuň. Şeýle çukurlar suwuk galyndylary süzüp, olaryň ýerasty suwlaryna düşmeginiň öňüni alýar. Ýagyş suwy çukuryň içine syrykmaz ýaly, onuň üstüni ýapyň.

# Himiki galyndylary howpsuz ýok etmek

Uly we kiçi saglyk öýleriniň köpüsi himiki galyndylaryndan howpsuz ýok etmek babatda kynçylyklara duş gelýärler. Uly lukmançylyk merkezleriň rentgen, himiki bejeriş we tejribehana galyndylary hem bolup biler. Galyndylaryň şeýle görnüşlerini ýok etmek örän çylşyrymly bolany üçin, biz bu kitapda onuň usullary barada gürrüň etmeris.

## Himikatlar arassalaýarlar we zyýansyzlandyrýarlar



Hlor hekini dökmezden öň, ony suw bilen garyp, aşgarlaýjy çukura guýuň. Wodorodyň ötetürşunyň erginini ýok etmek üçin, ony ýörite çukura döküýmeli. Ony lagyma ýa-da unitaza dökmek hem howpsuzdyr.

Glýutaraldegid we formaldegid düwnuk keseline we ölüme eltip bilýär. Siziň merkeziňiz zyýansyzlandyrmak we arassalamak üçin şol himikatlardan peýdalanýan bolsa, olary howpsuz ýok etmegiň usullary bar. Glýutaraldegidi ýa-da formaldegidi ýok etmezden öň, turşulygyny (pH görkezijisini) üýtgetmek üçin, oňa kaustik sodasynyň (natriniň gidroksidi) erginini goşmaly. pH görkezijini lakmus kagyzy ýa-da pH ölçeýän bilen barlaň. pH görkezijini 12-ä ýetiriň we şol derejede azyndan 8 sagat saklaň. 8 sagat geçenden soň, duz turşusy bilen garyp, ortaça derejä (pH 7) ýetiriň. Glýutaraldegidi we formaldegidi ýok etmek üçin materiallaryňyz bolmasa, olardan peýdalanmaň, sebäbi olar örän howpludyr. Arassalanandan soň, olary aşgarlaýjy çukurlara dökmek howpsuzdyr. Düşek daşlyklary arassalamak üçin ulanylýan karbol turşulygy dem alyş we deri üçin zyýanlydyr. Karbol turşulygy ýok edilende ýa-da ondan peýdalananda, işçi äýnek, maska we gorag egin-eşiklerini geýmelidir. Natriniň gidroksidi akdyrylýan ýuwundy suwlaryna garylmaly-da, aşgarlaýjy çukurlara dökülmeli.

## Simap 

Simap – gyzgynlygy ölçeýän termometriň içindäki kümüşsöw suwuklyk. Simap gan basyşyny ölçeýän gurallaryň käbirinde (köne şekildäkiler), batareýlerde we çyralarda bolýar.

Simap – örän zäherli agyr metal. Onuň azajyk mukdaryndan hem dem alnanda ýa-da deri arkaly geçende, nerwi, böwrek, öýken, beýni ýaly beden agzalaryny şikeslendirip bilýär. Ol dogabitdi ýetmezçiliklere sebäp bolup bilýär.

Simap ýakylanda dargamaýar. Ol ýakylan mahaly öňküsinden hem has güýçli gaza öwrülýär.

Simabyň zyýanly täsirini azaltmagyň iň oňat usuly – düzümi simaply zatlary azrak ulanmaly. Mümkin bolsa, düzümi simaply enjamlaryňyzy metal gaplarda saklaň. Enjam döwülse-de, simap stol, oturgyç ýaly agaç zatlara siňmän, metalda galar. Siziň ýaşaýan ýeriňizde simapsyz termometrler elýeter bolsa, şolary ulanyň.



## Dökülen simaby nädip aýyrmaly

Termometr ýaly içi simaply zatlar döwlende, simap ownuk bolejiklere dargaýar. Adamlary we haýwanlary ol ýerden daşda saklaň. Gyzdyryjy enjamlary, wentilýatorlary ýa-da kondisionerleri öçüriň we howa girer ýaly penjireleri açyň. Dökülen simaby aýyrmak üçin, size ellik, pipetka, 2 list gaty kagyz ýa-da karton, 2 polietilen paket, ýelimli lenta, el çyrasy (fonar) we içi suwly aýna konteýner gerek bolar.



Simaby ýygnamagyň howpsuz usuly:

1. **Simaba degmäň.** Penjireleri ýa-da gapylary açyň.
2. Sagadyňyzy we gymmat bahaly bezegleriňizi aýryň. Simap beýleki metallara ýelmeşýär.
3. Gündizdigine garamazdan, hemme zat oňat görner ýaly, simabyň dökülen ýerini yşyklandyryň.
4. Mümkin bolsa, himiki maddalara durnukly ellik geýiň. Lateks ellikden ikisini geýiň.
5. Simaby kiçiräk üýşmege üýşürmek üçin gaty kagyzyň ýa-da kartonyň kiçijik böleklerini ulanyň.
6. Simaby sorduryp almak üçin pipetkadan peýdalanyň we ýygnan simabyňyzy içi suwly aýna gaba salyň.
7. Galan simaby ýygnamak üçin ýelimli lentany ulanyň.
8. Ýelimli lentany, pipetkany, ellikleri we kartony polietilen pakete salyň.
9. Paketiň daşyna “simap galyndylary” diýip bellik ediň we ony suwly konteýnere salyň.
10. Konteýneriň agzyny ýapyp, oňa bellik ediň. Ony ýene-de bir pakete salyň.
11. Paketden zäherli galyndylardan dynylýan usulda dynyň (410-njy sah. ser.)

# Antibiotikler we beýleki derman serişdeler

Ulanyş möhleti geçen dermanlar howpsuz ýok edilmeli himiki galyndylaryň ýene-de bir görnüşidir. Antibiotiklerden we beýleki dermanlardan howpsuz dynmak olaryň suw çeşmelerinden, galyndylar bilen iş salyşýan adamlardan daşda saklanylmagyny aňladýar. Gynansak-da, saglyk öýleri, dermanhanalar we derman öndürýän kompaniýalar köne dermanlardan howpsuz dynmagyň deregine, olary zibil dökülýän açyk ýerlere, suw ýollaryna ýa-da ýuwundy suwlaryň akýan ýeriniň aşagyna taşlaýarlar.

Antibiotikler daşky gurşawa taşlananda, olar adamlarda, haýwanlarda hatda olar bilen galtaşýan ýokançlyklarda hem antibiotik durnuklylygyny döredip bilýär. Bu bolsa öz gezeginde ýokançlyga ýolugan adamlara antibiotikler bilen bejergi geçirilende, onuň netijesiz bolmagyna sebäp bolýar.



## Antibiotikleri azrak satyn alyň we azrak ulanyň

Antibiotikleriň bejerip bilmeýän kesellerinde olary ulanmaň. Siziň saglyk öýüňiz antibiotikleriň zerur gerek bolan mukdaryny satyn alsa, ulanyş möhleti geçen dermanlar az taşlanar.

## Ulanyş möhleti geçen dermanlaryňyzy öndüren kärhana gaýtaryň

Derman öndürýän kompaniýalaryň antibiotiklerden we beýleki dermanlardan dynmak üçin ýörite enjamlary bolýar. Bu işi olar amala aşyrmalydyrlar. Derman öndürýän kompaniýa dermanlary gaýtaryp bermäge mümkinçiligiňiz bolmasa, olary howpsuz usulda ýok ediň.

**Dermanlary howpsuz ýok etmek**

1. Ellik, gorag äýnek, maska geýiň.
2. Gerdejikleri owradyň.
3. Külkäni sement bilen garyň.
4. Suw goşup, sementden gaty logalajyklary ýasaň.
5. Şol logalajyklary agzy ýapylýan zibil çukurda gömüň.



# Lukmançylyk galyndylaryna baha bermek

Lukmançylyk galyndylarynyň döremegine, işlenilmegine we ýok edilmegine baha bermeklik saglyk öýünde işleýänleriň ählisine has howpsuz işlemäge kömek eder. Baha bermek galyndylaryň emele gelmegi bilen bagly meseleleriň çözgüdini tapmaga hem kömek edip biler.




**1 Saglyk öýüniň ähli işgärlerini ýygnap, meseleleri ara alyp maslahatlaşyň**

Merkeziň ähli işgärleri baha bermekde kömek edip bilerler. Lukmanlar, şepagat uýalary, galyndylary gaplaýanlar, tam süpürijiler galyndylaryň nädip emele gelýändigi we olar bilen bagly nähili meseleleriň ýüze çykýandygy barada dürli maslahatlary berip bilerler.






**2 Ammarlardaky we dermanhanadaky zatlaryň sanawyny düzüň**

Materiallaryň köpüsiniň dermanhananyň ýa-da ammarlaryň üsti bilen alynýandygy sebäpli, bahalandyrmagy we sanaw düzmegi şol ýerlerden başlaň. Her bir zada seredip, onuň galyndylary we zyýany barada soraň.

Bir gezek ulanylýan zatlaryň deregine gaýtadan ulanylýan zatlary ulanyp bolarmy?

Himikatlary ulanman ýa-da has howpsuz himikatlary ulanyp bolarmy? Saglyk öýi plastmas önümlerini, düzümi simaply zatlary azrak ulanyp ýa-da galyndylaryň mukdaryny azaltmak üçin başga zatlary edip bilermi?

**3 Saglyk öýüniň kartasyny çyzyň**

Ähli otaglary, gapylary we penjireleri, her bir otagyň haýsy maksat bilen ulanylýandygyny görkeziň. Galyndylaryň emele gelýän ýerlerini, galyndyly konteýnerleriň saklanylýan ýerlerini, galyndylaryň emele gelen ýerinden ýok edilmek üçin eltilýän ýerlerini bellemek üçin dürli reňkli galamlary ulanyň. Topar lukmançylyk edarasyna doly aýlanyp bolansoň, karta üýtgedilip bilner. Baha bermekden soň girizilen üýtgeşmeleri görkezmek üçin, täze karta çyzyň.



### 4 Saglyk öýüne aýlanyp, meseleleri ýüze çykaryň

Saglyk öýüňizdäki galyndylaryň emele gelýän ýerlerine baryp görüň. Zibil atylýan bedreleriň içindäki zibilleri gözden geçiriň, galyndylaryň görnüşine üns beriň. Gözegçiligi hepdede birnäçe gezek, dürli wagtda geçiriň. Şonda siz galyndylary dürli şertlerde görersiňiz we olaryň günüň dowamynda işlenilişi bilen tanşarsyňyz.

Dürli işgärler bilen aýlanyp görüň. Tam süpüriji lukmanyň we şepagat uýasynyň görýän zatlaryna başgaça garaýar. Olaryň her birinde galyndylary has oňat dolandyrmak barada öz pikirleri bolup biler.




**Galyndylary howpsuz dolandyrmak üçin,**
**biz bir-birimiz barada özümiz barada aladalanyşymyz ýaly alada etmeli.**

### 5 Galyndylardan dynmagyň we olaryň işlenilmeginiň dürli usullaryny öwreniň

Saglyk öýüne birnäçe gezek aýlananyňyzdan soň, meseleleri we mümkin bolan çözgütleri topar bilen ara alyp maslahatlaşyň. Çözgütler gymmat bahaly we tehniki taýdan çylşyrymly bolmaly däldir. Çözgütleriň köpüsi diňe guramaçylygy, hyzmatdaşlygy we borçlary talap edýär. Ýiti galyndylar, soňra himikatlar, gan we beýleki suwuk maddalar ýaly has zyýanly galyndylardan başlap, meýilnama düzjek boluň.




Esasy maksat haýsydyr bir bölümi däl-de, eýsem bütin ulgamy gowulaşdyrmakdyr.

**6** **Galyndylary gaýtdan işlemegiň we ýok etmegiň dürli usullaryny agtaryň**

Galyndylaryň döreýän ýerini, olaryň saklanylýan ýerini, saglyk öýüniň niresinden alnyp gaýdylýandygyny yzarlaň. Galyndylar yzygider köpelýärmi? Olar nähili ýygnalýar? Galyndylary ýygnaýanlar hakykatdan hem ellik, ýapyk aýakgap ýa-da gorag egin-eşikleri geýýärlermi? Galyndylar howpsuz konteýnerlerde daşalýarmy?

Galyndylary gaplaýanlar käbir zatlary köne-sanalary alýanlara satýarlar. Galyndylaryň saýlanyşyna we olaryň zyýansyzlandyrylmagyna baglylykda, bu iş howply ýa-da howpsuz bolup biler. Galyndylary ýygnaýanlar gaýtadan ulanyljak materiallary howpsuz usulda ýygnalyp-ýygnalmaýandygy barada alada edýärmi? Galyndylaryň işlenilmeginden ýa-da olaryň satylmagyndan eklenýän adamlar üçin bu ulgamy has howpsuz etmegiň usullary barmy?



**7** **Degişli çäreleri görüň!**

Saglyk öýünde bolup geçýän zatlar hemmelere degişlidir. Galyndylary howpsuz etmek üçin edilen her bir ädim adamlara we daşky gurşawa ýetýän zyýany azaldýar. Häzirki wagtda saglyk öýüni nähili kämilleşdirip bolar? Galyndylar zibil taşlanýan ýerlere alnyp gidilensoň ýa-da galyndylar ýakylýan peçlere salnansoň, saglyk öýi olaryň dolandyrylyşyna täsir edip bilermi?

**8** **Saglyk öýüniň ähli işgärleri bilen yzygider türgenleşik geçiriň we olary okadyň**

Howpsuzlyk meýilnamasynyň islendigini alyp görsek-de, ol galyndylar bilen iş salyşýan we lukmançylyk galyndylaryny döredýän adamlaryň okadylmagynyň we türgenleşdirilmeginiň dowam etdirilmegine esaslanýar. Hiç zyýan ýetmez öýdýän ýagdaýyňyzda, elbetde, howpsuzlyk usullaryna biparh garasa bolýar. Şonuň üçin-de, galyndylara her ýyl gaýtadan baha bermek adamlara seresap bolmagyň wajyplygyny ýatlatmaga kömek eder.

# Jemgyýetiň çözgütleri

Galyndylary ýygnamak, işlemek, saklamak, daşamak we ýok etmek ulgamlarynyň käbiri saglyk öýleri üçin has gymmat bolýar. Emma sebitde serişdeleri deň paýlaşýan merkezleriň birnäçesi bileleşip, galyndylary işlejek has howpsuz we has bütewi ulgamy döredip bilerler. Şol ulgam saglyk öýüniň özbaşdak döretjek ulgamyndan has gowy bolar. Öz satyn alýan zatlaryna gözegçilik edip bilseler, olar satyjylara has howpsuz galyndyly lukmançylyk harytlary satmagy hem hödürläp bilerler.

Saglyk öýüňizde awtoklaw ýa-da ýuwundylar akdyrylýan howpsuz çukur bolmasa, galyndylary zyýansyzlandyryp, howpsuz konteýnerlere bölüp salyň, howpsuz çukury ýa-da zibil atylýan ýeri bar bolan edara ugradyň. Ýiti gurallary ýygnamak, daşamak we ýok etmek boýunça sebit ulgamy şäherlerdäki we obalardaky saglygy goraýyş bölümleriniň köpüsine hyzmat edip biler.

Sebitde galyndylar kommunal hojalygy tarapyndan ýygnalýan bolsa, zyýansyzlandyrylan galyndylar ýygnalyp, zibil atylýan ýere iberilip bilner. Zäherli galyndylar olar üçin niýetlenen ýerlere (bar bolsa) iberilmeli. Ýerlerde galyndylar ýygnalmaýan bolsa, geljek üçin gaty galyndylary gaýtadan işleýän ýa-da ýok edýän ulgamy döretmek barada pikirleniň (18-nji baba ser.). Saglyk öýüňiziň peýdalanýan usullary siziň serişdeleriňize we haýsy zadyň siz üçin has gowy boljakdygyna baglydyr.



**Saglyk öýünde bolup geçýän zatlar jetgyýetdäki adamlaryň ählisine degişlidir.**